# Malýar gyz

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Malýar gyz MALÝAR GYZ

Hünärmentlik mekdebini gutaryp,
Öz söýen kärini ele aldy gyz.
Boýag doly bedresini göterip,
Jaýymyzy bezemäge geldi gyz.
Çotgasy bedrä çümüp çykanda,
Ak diwara inçe keşde çekende,
Mylaýym ýylgyryp bäri bakanda,
Ýüregime sönmez söýgi saldy gyz.
Oýnadyp ol türgen-çeper elleri,
Çekip gidýär ýadygärlik gülleri,
Ýalpyldadyp potology, pollary,
Zähmetden tükenmez ylham aldy gyz.

Weli ÇARYÝEW.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 1958 ý. Goşgular